# Dogruçyl bolmak

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dogruçyl bolmak DOGRUÇYL BOLMAK




Ýekşenbe güni gije ýarymdan soñ telewizora seredip otyryn…
Gözlerim nemli woleýbolçy gyzlarymyzyñ kubok gowşuryş dabarasyna tomaşa edip durkam, ýadyma birden Ýylmaz Özdil düşdi. Içimden «bu şanly ýeñşi nähili manyly-mañyzly setirler bilen beýan ederdi!» diýdim.
Ýaşap ýören bolsa, Bekir Joşkunam şeýderdi, gürrüñsiz…
Bular ýaly žurnalistleri ýetişdiräýmek añsat däl, galamyñ güýji bilen gözýaş dökdürmek ýa-da güldürmek ussatlaryñ işi, munuñ üçin gaýrat gerek.
Gynansak-da, galama erk edip bilýän ussat žurnalistlerimiz indi azalyp barýar. Bekir agamyzy soñsuzlyk ýolundan yzyna getirip bilmejegimiz belli, ýöne «armazak galam» Ýylmaz Özdil ýene aramyza goşulyp, okyjylaryny begendirmegine dowam eder diýip umyt edýärin.
Ine, gyzlarymyzyñ üstünligini ýañagymy ölläp tomaşa edip durkam, ýadyma şonuñ üçin Ýylmaz Özdil düşdi. Çünki üstünligi, ussatlyk bilen edilen işi ýazga getirmek añsat iş däl…



* * *

Geçen iýul aýynyñ ortasydy.

«Woleýbol meýdançasynyñ perileri» Milletler Ligasynda dünýäniñ birinji belgili oýunçylary bolupdy. Bir tanşym: «Şular ýaly üstünlige garamazdan, Erdogan woleýbolçy gyzlary gutlanok!» diýdi.

Muny eşdenimde geñ galdym. Tersine, her ýeñişden soñ Erdogan woleýbolçy gyzlary ýanyna çagyryp gutlaýardy, bile surata düşýärdi…

Erdogany tankyt etmek üçin hemme ýola baş urulýar, ýalan bilen çyn biri-birine garyşdyrylýar. Şonuñ üçin wagtyñ geçmegi bilen edilen dogry tankytlarybam manysy gaçýar. Ýogsam bolmasa, biz kejeñeklik bilen hakykatyñ tarapynda çykyş etmäge borçly adamlar. Ýekşenbe gününiñ agşamky ýeñişinden soñ sosial mediýada häkimiýetiñ garşysyna «ok atyşlyk» başlady. Ýeri, zenan woleýbolçylarymyzyñ üstünliginde AKP häkimiýetiniñ sporta goýan maýa goýumlarynyñ goşandy ýokmy? Göreñzokmy,

milli ýygyndy toparda «VakıfBank» toparyndan näçe oýunçy bar. Bulary görmezlige salalyňmy? Beýtmäň-ä, bular ýaly oppozisiýa bolandan bolman geçsin.




* * *

Aýten Salih, Nazmiýe Kor, Güneş Çapa, Seta Yagjyogly, Aýda Janer, Seda Ajudogly, Ümran Okaý, Siraý Arja, Fatma Egemen, Gülçin Erogly, Tomris Göksan, Nezin Mutibaş…

Bular ilkinji zenan woleýbolçylarymyz.

Ilkinji milli duşuşyga 1957-nji ýylda çykdylar.

Ilkinji milli ýeňişlerini 1961-nji ýylda gazandylar.

Armadylar, irmediler, ýan bermediler. Ençeme ýyllap höwesjeňler kategoriýasynda çykyş etdiler. Emma:

Agzymyzy dolduryp gürlärlik ilkinji halkara ýeňşimizi 2003-nji ýylda gazandyk. Ankarada geçirilen Ýewropa çempionatynda finala çykdyk. Bu final woleýbol taryhymyzyň öwrülişik sepgidi boldy.

Final duşuşygynda çykyş eden Neslihan Demir ýaly woleýbolçar ýaş gyzlarymyzyň idolyna öwrüldi. Ýurdumyzda woleýbola bolan söýgi güýçlendi. Şol döwür woleýbol hakdaky habarlaram 170% artdy.

Ýurdumyzyň çar künjünden gaty köp gyz «woleýbol meýdançasynyň

perisi» bolmagy arzuw etdi. Woleýbola berilýän üns güýçlendi, sport mekdepleri köpeldi. Ýyldyzlar we ýaşlar üstünlik üstüne üstünlik gazandy. «Periler ligasyna» üns güýçlendi. Diñe Stambuldyr Ankaradan däl, Bursadab, Boludan, Aýdyndan, Aksaraýdan hem toparlar bäsleşdi…

Dünýäniñ iñ ökde oýunçylary hasaplanýan Tiýana Boşkoviç (Serbiýa), Çiaka Ogbogu (ABŞ), Kristina Souza (Braziliýa), Mişel Barç-Hakli (ABŞ) we başgalar ligamyza transfer boldy. Daşary ýurtlardan ussat tälimçiler milli ýygyndy toparymyzy we klublarymyzy türgenleşdirip başlady.

«Eczacıbaşı», «Vakıfbank», «Fenerbahçe» ýaly woleýbol klublary dünýäde agzalýan toparlara öwrüldi. Trubunalar tomaşaçylardan doldy. Teleýaýlymlar woleýbol duşuşyklaryny göni ýaýlymda bermäge başlady.




«Vestel», «Orkid», «Opet», «AXA Sigorta», Misli.com, «Amway», «BTCTurk», «Porçöz», «İşbir Yatak», «Supradyn» ýaly sponsorlar ara girdi.
Şeýdibem:
Ilkinji altyn medalymyzy 2014-nji ýylda aldyk. 2015-nji ýyldan bäri zenan woleýbolçylarymyz woleýbol boýunça dünýä sanawynyñ başyny çekip gelýär.
Ahyr soñunda häzir dünýäniñ birinji belgili toparyna öwrüldik…
Galyberse-de: U18, U20, U23 milli ýygyndy toparlarymyzam üstünlik yzyna üstünlik gazanýar.
Hawa, üstünlik bir günde gazanylmaýar, ýigrimi ýyllyk

tagallany görmezlige salyp bilmeris.
Munda hususy sektorlar bilen bilen döwletiñ-häkimiýetiñ goşandyny ýok saýyp bolmaz. Dogruçyl bolmak gerek…
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 05.09.2023 ý. Sport we turizm